***Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagy möhüm ähmiýetli taryhy wakadyr. Ol ýurdumyzyň parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine, ählumumy abadançylygyň bähbidine dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýär. Şoňa görä-de, Türkmenistan döwletimizde Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy uly dabaralar bilen bellenip geçildi. 12-nji dekabrda bütin dünýäniň nazary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza gönükdi.***

Maslahatlar merkezinde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda halkara forumyň açylyş dabarasy hem-de «Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly geljegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis geçirildi. Döwlet Baştutanymyz bu forumyň geçirilmeginiň biziň döwletimiziň parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasydygyny belledi. Bitaraplygyň üýtgewsiz gurluş däl-de, döwür bilen aýakdaş gidýän hem-de täze üýtgeşmelerdir meýillere seslenýän janly döredijilik ýagdaýydygyna aýratyn üns çekilip, Bitaraplygy syýasy we iş ýüzündäki platforma hökmünde peýdalanmak teklip edildi. Şeýle hem Bitaraplygyň tejribe häsiýetini ösdürmek, ylmy-barlag, bilim işini amala aşyrmak üçin BMG bilen hyzmatdaşlykda Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmek teklip edildi.

Halkara forumyň açylyş dabarasynyň barşynda Russiýa Federasiýasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan, Gyrgyz, Täjigistan, Özbegistan, Ermenistan, Yrak Respublikalarynyň, San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidentleri, şeýle hem Pakistanyň, Gruziýanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Eswatini Patyşalygynyň, Mýanma Bileleşigi Respublikasynyň Premýer-ministrleri çykyş edip, Türkmenistan bilen umumy abadançylyk ugrunda hemişe hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassykladylar.

«Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly geljegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda dowam etdi. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň dialog esasynda parahatçylyk we ynanyşmak başlangyjyny öňe sürmek bilen, syýasatyň we diplomatiýanyň, jemgyýetçilik pikiriniň, taryhy tejribäniň, toplanan ynsanperwer, medeni mirasyň ähli mümkinçiliklerini has işjeň we netijeli peýdalanmagyň zerurdygyndan ugur alýandygyny belledi. Plenar mejlisiň dowamynda abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylary çykyş edip, giň wekilçilikli maslahatyň Türkmenistanyň parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça ählumumy tagallalara uly goşant goşýandygyny aýdyň görkezýändigini aýratyn nygtadylar.

Şeýlelikde, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe,

Все права защищены

hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara maslahat tejribe alyşmak we dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmek üçin möhüm meýdança öwrüldi.

**Eziz EMINOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

Все права защищены